# Ritoriki sowallar

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 26 января, 2025
Ritoriki sowallar RITORIKI SOWALLAR

Dünýe – düýş.
Düýş gören wagtyň,
Düýş içre düýş görmediňmi?!
Hak tendürstlik beren wagty,
Bagt agtaryp, sermediňmi?

Ukyp berdi.
Hakyn berdi.
Heser berdi.
Ýakym berdi
Nebis görkezip, akyl berdi,
Tapmaçany ýormadyňmy?!

Paýyň alyp bir çetinden
Derýa ýaly rehmetinden,
Ýagty ýalançyň petinde
Müdimilik ornadyňmy?!

Seň ornuňa çözdi Taňry
Köp derdiňi.
Kömek – emri.
Saňa sowgat berlen ömri
Gorkulara bermediňmi?

Ýagşa sarp et, bukma jany,
Dünýe panymy, sen pany,
Heniz wagtyň barka, häli
Heý oýlanyp görmediňmi?!

Hak tendürstlik beren wagty,
Nurlanjak bol, dünýe ýagty?
Ýatlap gör, düýş gören wagtyň,

Düýş içre düýş görmediňmi?!

15.09.2021 ý. Goşgular